# Bank habarlary

## Банковский вестник




№5/2020



Türkmenistanyň Merkezi banky
Центральный банк Туркменистана

# BANK HABARLARY
# БАНКОВСКИЙ ВЕСТНИК

## 2020-nji ýylyň 1-nji iýun ýagdaýyna
### на 1 июня 2020 года

Aşgabat - 2020

# Mazmuny / Содержание


## SELJERIŞ MAKALALARY / АНАЛИТИЧЕСКИЕ СТАТЬИ

**BANK KEPILLIKLERINIŇ HUKUK ESASLARY**
ПРАВОВАЯ ОСНОВЫ БАНКОВСКИХ ГАРАНТИЙ
**3**

**SANLY BANK HYZMATLARYNYŇ KÄMILLEŞDIRILMEGI**
СОВЕРШЕНСТВОВАНИЕ ЦИФРОВЫХ БАНКОВСКИХ УСЛУГ
**9**

**IŞGÄRLER SYÝASATY: EMELE GELMEGI WE ÖSÜŞ AÝRATYNLYKLARY**
КАДРОВАЯ ПОЛИТИКА: ОСОБЕННОСТИ ФОРМИРОВАНИЯ И РАЗВИТИЯ
**13**

**ELEKTRON TÖLEGLERIŇ ÄHMIÝETI**
ЗНАЧИМОСТЬ ЭЛЕКТРОННЫХ ПЛАТЕЖЕЙ
**18**

**BANK INNOWASIÝASY: WAJYPLYGY WE NETIJELILIGI**
БАНКОВСКИЕ ИННОВАЦИИ: ВАЖНОСТЬ И ЭФФЕКТИВНОСТЬ
**20**

**BANK HYZMATLARYNYŇ TÄZE GÖRNÜŞLERI**
НОВЫЕ ВИДЫ БАНКОВСКИХ УСЛУГ
**23**

## SELJERIŞ MAGLUMATLARY / АНАЛИТИЧЕСКИЕ МАТЕРИАЛЫ

**TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI**
ТЕНДЕНЦИИ РАЗВИТИЯ БАНКОВСКОЙ СИСТЕМЫ ТУРКМЕНИСТАНА
**26**

**TABLISALAR**
ТАБЛИЦЫ
**28**

# BANK KEPILLIKLERINIŇ HUKUK ESASLARY

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda Türkmenistanyň bank ulgamy beýleki ulgamlar bilen birlikde okgunly ösmegini dowam edýär. «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasyna», «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019-2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň maksatnamasyna» laýyklykda, ýurdumyzyň bank ulgamynyň işini döwrebaplaşdyrmak hem-de bu ulgama halkara bank tejribesiniň iň öňdebaryjy usulyýetini ornaşdyrmak esasy wezipeleriň biri hökmünde öňe sürülýär.

Häzirki döwürde bank ulgamynda innowasion syýasaty iş tejribesine ornaşdyrmak arkaly wagtlaýyn ullanylmaýan serişdeleri çekmek, karz bermek, bank kepilligini bermek, karza bolan islegi yzygiderli ýokarlandyrmak ýaly işler döwrebaplaşdyrylýar. Karz berlende bank üpjünçiliginiň dürli görnüşleri ullanylýar.

Bazar gatnaşyklarynda haryt alyş-çalyş amallarynyň köpelmegi, geleşikleriň gymmatlamagy, kontragent tarapyndan borçlarynyň kesgitlenilen wagtynda ýerine ýetirmänligi ýa-da ýerine ýetirmezligi netijesinde pul dolanyşygynyň tizliginiň peselmegi hem-de umumy işewürligiň netijeliliginiň ýaramazlaşmagy ýaly oňaýsyz şertler ýüze çykýar. Şonuň bilen baglylykda, töwekgelçilikleriň dürli görnüşleri ýüze çykýar. Pul borçlarynyň tiz wagtda ýerine ýetirilmegi bilen bagly aýratyn kepillikleriň bolmazlygy önümçili-

# Правовые основы банковских гарантий

В эпоху возрождения и могущества под руководством уважаемого Президента банковская система наряду с другими сферами экономики продолжает свое стремительное развитие. Согласно «Национальной программе социально-экономического развития Туркменистана на 2011-2030 года», «Программе Президента Туркменистана по социально-экономическому развитию государства на 2019-2025 года» совершенствование работы банковской системы и внедрение в данную систему передовые методы работы международной банковской системы являются одними из основных обязанностей.

В настоящее время в практике банковской системы посредством инновационной политики совершенствуются такая деятельность как привлечение временно не используемых средств, предоставление кредитов, предоставление банковских гарантий для большего повышения спроса в кредитных средствах. При предоставлении кредита банковское обеспечение бывает различных видов.

При рыночных отношениях увеличение количества операций по товарообмену, удорожание сделок, не выполнение контрагентами своих договорных обязательств или при выполнении снижения скорости денежного оборота приводит к общему ухудшению эффективности деятельности. И в связи с этим, появляются различные виды рисков. Отсутствие особых гарантий, связанных с быстрыми выполнениями денежных обязательств создают препятствия в развитии производства и торговли. И с данной точки зрения,

giň we söwdanyň ösmeginde päsgelçilikleri döredýär. Şu nukdaýnazardan, täze bir maliýe guraly we şol bir wagtda täze bir borçnama - bank kepilligi ýüze çykýar.

Halkara tejribesinde karz boýunça borçnamalary ýerine ýetirmekligiň üpjünçilikleriniň görnüşlerine: girew, bank kepilligi, zamunlyk, karzyň yzyna gaýtarylmazlyk töwekgelçiligini ätiýaçlandyrmak ýaly gurallar ullanylýar. Bank kepilligi halkara tejeribesinde has giň ýaýran bank gurallarynyň biri bolup durýar. Häzirki döwürde Türkmenistanda bank hyzmatlarynyň geriminiň giňemegi bilen birlikde, bank kepilliginiň ähmiýeti has-da ýokarlanýar. Bank kepilliginiň özüne çekijiligi, bergidar tarapyndan gijikdirme ýa-da esasy bergi boýunça bozma ýüze çykan ýagdaýynda, karz berijiniň algysyny gijikdirmesiz we artykmaç çykdajysyz göni almaga mümkinçiligi döredýär.

Adatça, bank kepilligini bermek babatyndaky islendik geleşikde taraplaryň özara gatnaşyklarynyň hukuk esaslary ýatýar, ýagny: birinjiden, ilkibaşda bergidar bilen karz berijiniň arasynda hukuk gatnaşyklary resmileşdirilýär; ikinjiden, bergidar bilen kepiliň arasyndaky gatnaşyklar bank kepilligini bermek hakyndaky şertnama bilen resmileşdirilip, kepil bilen bergidaryň özara gatnaşyklarynyň jähtleri berk berkidilýär; üçünjiden, bankyň özi kepil bolmaklyga isleg bildirip, benefisiaryň haýryna kepilligi çykarýar.

Esasy geleşik boýunça taraplaryň hukuk gatnaşyklary, şu geleşigiň tebigaty bilen kesgitlenýär. Taraplar bilen baglaşylan şertnamalar, özünde ylalaşylan şertleri jemleýär. Şeýle hem, şertnama halkara derejeli bolsa, kontragentleriň haýsydyr biriniň milli kanunçylygy bilen düzgünleşdirilýändigi hakyndaky kadany gurşap alýar. Her tarap garşy tarapyň töwekgelçiliklerini öwrenýär we özüniň kabul edip biljek töwekgelçiliginiň möçberini hasaplaýar.

Bank kepilliklerini bermek - aýratyn geleşik hökmünde kabul edilýär. Bank ke-

появляется новый финансовый инструмент и одновременно новое обязательство в виде банковской гарантии.

В международной практике используются такие инструменты обеспечения выполнения обязательств по кредиту как: залог, банковские гарантии, поручительство, страхование рисков по не возврату кредитов. Банковская гарантия самый распространенный вид банковского инструмента используемый в международной практике. В настоящее время одновременно с расширением банковских услуг, важность банковской гарантии все более повышается. Привлекательность банковской гарантии состоит в том, чтобы при возникновении случаев своевременного погашения долга или нарушения выплат по основному долгу должником, дает возможность кредитору без задержек и без дополнительных затрат вернуть обратно свои средства.

Обычно, предоставление банковских гарантий отменяет правовые основы взаимоотношений сторон при различных договоренностях, а именно: во-первых, оформляются правовые отношения между должником и кредитором; во-вторых, отношения между должником и гарантом оформляются договором о предоставлении банковской гарантии, тем самым более укрепляются нормы взаимоотношений между гарантом и должником; в третьих, банк сам может изъявить желание быть гарантом и выпускает гарантию в пользу бенефициара. Правовые отношения сторон по основным договоренностям определяются природой данных договоренностей. Стороны заключившие договора содержат в себе согласованные условия. Также если договор носит международный характер, то он содержит в себе норму касательно того, что данный договоре регулируется национальным законодательством любого из контрагентов. Каждая сторона изучает риски противоположной стороны и рассчитывает объемы

pillikleri bilen baglanyşykly hukuk kadalary Türkmenistanyň Raýat kodeksinde, «Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda», «Karz edaralary we bank işi hakynda» Türkmenistanyň Kanunlarynda öz beýanyny tapýar.

Ýokarda belläp geçişimiz ýaly, geleşigiň gymmatyny elýeterli etmek, borçnamalary ýerine ýetirmek we olar bilen bagly ýüze çykjak töwekgelçilikleri azaltmak üçin bank kepillikleri amatly bolup durýar. Bank kepilligi zamunlyk, girew, puşmana puly ýaly berginiň goşmaça üpjünçiligi hökmünde kabul edilip biliner. Bularyň ählisi töwekgelçilikleri aradan aýyrmasada, olary peseltmek üçin örän oňaýly gurallar bolup hyzmat edýär.

Töleg mehanizmi boýunça tejribede iki sany, ýagny, şertli we ilkinji talap boýunça kepillik ýaly görnüşleri hereket edýär. Şertli bank kepilligi prinsipal üçin has amatly bolýar, sebäbi bu kepillik boýunça pul serişdeleriniň tölegi, diňe benefisiaryň esasy borçnama boýunça prinsipalyň öz borçlaryny ýerine ýetirilmänligi ýa-da talaba laýyk ýerine ýetirilmänligi barada subut edýän namalaryň hödürlenmesinden soň amala aşyrylýar. Ilkinji talap boýunça kepillik şertli kepillikden tapawutlykda, şertnamada bellenilen möçber benefisiar tarapyndan ýollanan ýönekeý töleg talapnamasy esasynda tölegiň gijikdirmesiz ýerine ýetirmekligini borçlandyrýar.

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda kepil bolup diňe banklar, karz edaralary we ätiýaçlyk guramalary çykyş edip bilýär we berilýän/alynýan kepillikler diňe yazmaça görnüsde resmilesdirilýär.

Ýazmaça resmileşdirilen bank kepilliginde hökmany suratda prinsipalyň, benefisiaryň we kepil berijiniň atlary; bank kepilliginiň möçberi; möhleti; kepillikde bellenilen möçberi benefisiara talap etmäge hukuk berýän namalaryň sanawy ýaly şertler görkezilmelidir.

Ýokarda aýdylanlary göz öňünde tutsak, bank kepilligi bilen bagly gatnaşyklara azyndan üç tarap gatnaşýar, ýagny: prinsipal, be-

риска, которые он может взять на себя.

Предоставление банковских гарантий – воспринимается в виде отдельной договоренности. Правовые нормы, связанные с банковскими гарантиями находят свое содержание в Гражданском Кодексе Туркменистана в Законах Туркменистана «О Центральном банке Туркменистана», «О кредитных учреждениях и банковской деятельности».

Как было отмечено выше, сделать доступными ценность договоренностей, выполнение договорных обязательств и снизить количество рисков, которые могут возникнуть в их результате – самым оптимальным решением являются банковские гарантии. Банковская гарантия может восприниматься как и поручительство, залог, неустойка в виде дополнительного обеспечения долга. Они все если и не убирают возможные риски, но являются благоприятными инструментами по их снижению.

В практике по платежному механизму действуют два вида гарантий – это условное и по первому требованию. Условная банковская гарантия является более выгодной для принципала, потому что данная гарантия осуществляется только после платежа не только по основным обязательствам бенефициара, но также после предоставления обосновывающих документов о не выполнении или не полном выполнении обязательств со стороны принципала. Различие гарантии по первому требованию от условной гарантии заключается в том, что обязывает бенефициара без задержки на основании простого платежного требования осуществить платеж в сумме, указанной в договоре. В Гражданском кодексе предусмотрена гарантия по первому требованию.

Согласно законодательству Туркменистана в качестве гаранта могут выступать только банковские организации, кредитные учреждения и страховые организации, так же выдаваемые гарантии оформляются только в письменном виде.

В письменно оформленной банковской

nefisiar we kepil.

Bank kepilligi benefisiar bilen prinsipalyň arasynda ýüze çykan borçnama boýunça esasy bergini/borjy üpjünçilikli etmek üçin ullanylýar we ähli beýleki üpjünçilik gurallaryndan tapawutlylykda, esasy borçnama garaşly bolmaýar. Esasy borçnamanyň gutaran ýa-da ol hakyky däldigi subut edilse hem kepillik öz güýjüni ýitirenok. Bu ýerde, kepillik esasy borçnama bagly bolmazlyk bilen kepil üçin goşmaça töwekgelçiligi ýüze çykýar, ýagny esasy borçnama hakyky däl diýip yglan edilsede kepillik öz güýjüni ýitirmeýär. Bank kepiligi boýunça benefisiar tarapyndan pul serişdelerini tölemeklik hakyndaky talap ýollansa hem, esasy berginiň barlygyny barlamak kepil berijiniň borçlaryna girmeýär.

Mundan başgada, bank kepilligi yzyna çagyryp, üçünji bir şahsa geçirip ýa-da kepillik boýunça borçnamadan ýüz öwürmek bolmaýandygyna göz ýetirmek bolýar, ýagny, eger kepillik tarapyndan başgaça göz öňünde tutulmasa, bank kepilliginden ugur alyp benefisiaryň kepil babatdaky talap etmek hukugy üçünji şahsa berlip bilinmez. Başga bir tarapa kepilligi geçirmeklik hökmany suratda şertnamada bellenilmelidir. Netijede, bank kepilligi benefisiaryň töwekgelçilige az mukdarda sezewar bolýandygyny hem-de benefisiar üçin has amatly bolýar.

Benefisiaryň bank kepilligi boýunça tölegleri hakyndaky talaby kepillikde görkezilen resminamalary goşmak bilen, ýazmaça görnüşde kepile ýollanmalydyr. Talapda ýa-da goşundyda benefisiar kepillik bilen bagly prinsipal tarapyndan ýüze çykan bozmalary açyp görkezmelidir.

Kepil beriji benefisiaryň talaplary kepilligiň şertlerine we bellenilen namalaryň talaplaryna gabat gelýändigini doly we jikme-jik, makul boljak möhletlerde, barlamaly. Benefisiaryň talaby kepillikde bellenilen möhletden öň kepillendirijä ýollanylmalydyr.

Ýokarda belläp geçişimiz ýaly, kepillendiriji benefisiaryň talabyny alandan soň esasy

гарантии обязательно должны быть указаны имена принципала, бенефициара и лица, предоставляющего гарантии; сумма банковской гарантии; сроки; перечень документов, дающих право требовать бенефициару сумму указанной в гарантии.

Если учесть вышеизложенное, то в отношениях связанных с банковской гарантии принимают участие три стороны, это: принципал, бенефициар и гарант.

Банковская гарантия используется как основной инструмент обеспечения основного долга/обязательства по возникающим обязательствам между бенефициаром и принципалом и в отличие от прочих инструментов обеспечения не зависит от основного обязательства. Даже если основное обязательство завершится или будет доказано его недействительность, гарантия не теряет свое силы. Здесь, гарантия не завися от основного обязательства создает дополнительный риск для гарантии, а именно при признании основного обязательства недействительным гарантия не теряет своей силы. Даже если бенефициаром будет направлено требование по банковской гарантии о выплате денежных средств, проверка наличия основного долга не входит в обязанности гаранта.

Здесь можно удостовериться, что банковская гарантия не может быть отозвана обратно, передана третьему лицу или он отказаться от обязательств по гарантиям. Передача гарантии третьему лицу обязательно должно быть прописано в договоре. В результате, можно убедиться, что банковская гарантия в малой степени зависит от рисков бенефициара и является для него самым оптимальным вариантом.

Требование бенефициара о выплатах денежной суммы под банковскую гарантию должно быть предъявлено гаранту в письменной форме с приложением документов, указанных в гарантии. В требовании или в приложении к нему бенефициар должен указать, в чем выражается нарушение прин-

borçnama boýunça düzgün bozma bolup geçenligini barlaman biler. Eger bu talap ýa-da oňa goşulan resminamalar kepilligiň şertlerine laýyk gelmese ýa-da olaryň möhleti tamamlansa, kepil benefisiara onuň talabyny kanagatlandyrmakdan ýüz öwürmelidir. Kepil benefisiaryň talabyny kanagatlandyrmakdan ýüz öwürýändigi hakynda benefisiara şol wagtyň özünde habar bermelidir. Bu şerti ýerine ýetiren ýagdaýynda, kepillendiriji belli bir möhlete çenli tölegi saklamaga haklydyr. Emma kepiliň bu duýdurmasyndan soň hem benefisiar tarapyndan gaýtadan talap ýollansa, kepil talaby kanagatlandyrmaldyga borçludyr.

Bank kepilligi boýunça kepiliň borçnamasynyň maliýe garşylygy bardyr. Ýagny, kepillikde başga şertler göz öňünde tutulmadyk bolsa, borçnamanyň göwnejaý ýerine ýetirilmedik ýa-da doly berjaý etmedik ýagdaýynda, benefisiar kepilden goşmaça mukdarda pul talap etmäge hukuklydyr.

Şular ýaly ýagdaýlar bank bilen müşderiniň özara gatanaşyklary üçin örän uly synag bolýar. Gyssagly tölegi üpjün etmek üçin bank birnäçe çykdajylary çekýär (maýa bazaryndan gerek bolan serişdeleri çekmek), şeýle hem bankda goşmaça ätiýaçlyklary döretmek zerurlygy ýüze çykýar. Bu çykdajylar elbetde bergidaryň üstüne ýüklenýär, emma bu täze şertleri bergidar kabul edip-etmejegi belli däldir. Bu bolsa, bank üçin töwekgelçilikleri has-da ýokarlandyrýar.

Tejribede, bank bilen müşderiniň arasynda dawalaryň ýüze çykmazlygyny gazanmak, bar bolanlaryny azaltmak üçin banklaryň kepillik bölümleriniň hünärmenleri geleşik barada gepleşikler başlan badyna şertnamanyň şertlerini jikme-jik işläp düzýärler. Ýagny, kepillik boýunça talabyň banka gelip gowuşandygy barada habar müşderä ýetirilenden soň, borçlarynyň öwezini dolmak üçin 3 iş günüň dowamynda müşderiniň töleg edilmeli serişdeleri üpjün etmekligini şertnamada göz öňünde tutýarlar.

ципалом основного обязательства, в обеспечение которого была выдана гарантия.

Гарант в разумные сроки должен полностью и досконально проверить требования бенефициара на соответствие их установленным условиям и перечню документов. Требование бенефициара должно быть предъявлено гаранту до истечения срока гарантии, на который она была выдана.

Как было отмечено выше, гарант после получения требования бенефициара может и не проверять наличие нарушений по основному обязательству. Если данное требование или приложенные документы не будут удовлетворять условиям гарантии или истечет их срок, гарант имеет право отказаться удовлетворять требование бенефициара. Гарант должен незамедлительно оповестить бенефициара об неудовлетворении его требования. При выполнении данного условия, гарант до определенного срока имеет право задержания выплаты. Однако после данного оповещения гаранта бенефициаром будет повторно направлено требование, то гарант обязан удовлетворить данное требование.

У обязательства гаранта по банковской гарантии имеется финансовое возражение. А именно если гарантией не предусмотрено иное, ответственность гаранта в отношении бенефициара за неисполнение или ненадлежащее исполнение вытекающего из гарантии обязательства он имеет право требовать дополнительную сумму.

Такие отношения являются большим испытанием между отношениями банка и клиента. Для обеспечения срочного платежа банк несет определенные затраты (привлечение средств из инвестиционного рынка), также возникает необходимость создания в банк е дополнительных резервов. Следовательно, данные затраты возлагаются на должника, однако не известно сможет ли должник принять или нет на себя данные новые условия. Что в свою очередь еще более повышает банковские риски.

Häzirki gün, banklar karz amallarynyň ykdysady taýdan netijeliligine, şeýle hem müşderileriň bähbidine hyzmat edýän bank önümleriniň, hyzmatlarynyň gerimini giňeldip, hyzmatlaryň elýeterligini üpjün edýärler.

Ýurtda alnyp barylýan durmuş-ykdysady strategiýadan ugur almak bilen, bank syýasaty durnukly ykdysady ösüş bilen berk baglanşykly bolup, karz işjeňligi halkara ülňülerine laýyk gelýän derejede guramaga we karz hyzmatlarynyň gerimini giňeltmäge bank kepillikleri oňyn täsir edýär. Bank kepillikleriniň ösdürilmegi milli maliýe ulgamyny kämilleşdirmek, ýurdumyzyň eksport-import gatnaşyklaryny yzygiderli ösdürmäge, ykdysadyýetiň häzirki zaman bazar gatnaşyklaryna has işjeň gatnaşmaga, daşary ýurt banklary bilen hyzmatdaşlygyň gerimini giňeltmäge we banklaryň goşmaça peýda almaklaryna uly ýardam berer.

**Aknabat DÖWLETOWA,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet
we dolandyryş institutynyň
«Ykdysadyýet we hukuk» kafedrasynyň mugallymy

**Söhwet ORAZMÄMMEDOW,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet
we dolandyryş institutynyň talyby

В практике, для достижения, чтобы между банком и клиентом не возникали разногласия и для снижения имеющихся спорных моментов, сотрудники отдела гарантий банка детально прорабатывают все условия договора с момента начала переговоров о сотрудничестве. А именно, после того как клиент будет оповещен о поступлении в банк требования по гарантии, в договорах предусмотрено условие, что в течение 3-х рабочих дней должны быть обеспечены средства которые должен выплатить клиент для возмещения своих обязательств.

В настоящее время банки, расширяя виды услуг по экономической эффективности кредитных операций, предоставления банковской продукции по оказанию услуг в пользу клиента, обеспечивают доступность своих предоставляемых услуг.

Руководствуясь социально-экономической стратегией, проводимой в стране, банковская политика тесно взаимосвязана со стабильным экономическим развитием, и банковские гарантии оказывают положительное влияние на организацию кредитования соответствующей международным стандартам и большему расширению услуг по кредитным операциям. Развитие банковских гарантий будет способствовать совершенствованию национальной финансовой системы, последовательному развитию экспортно-импортных отношений, активному участию нашей экономики в современных рыночных отношениях, позволит расширить возможности сотрудничества с иностранными банками и получать банкам дополнительную прибыль.

**Акнабат ДАВЛЕТОВА,**
преподаватель кафедры «Экономики и права»
Туркменский государственный институт
экономики и управления

**Сохвет ОРАЗМАММЕДОВ,**
студент Туркменский государственный институт
экономики и управления

# SANLY BANK HYZMATLARYNYŇ KÄMILLEŞDIRILMEGI

Häzirki döwürde ýurdumyzda hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary netijesinde ähli ykdysady pudaklar bilen bir hatarda bank ulgamyny sanlylaşdyrmak, hyzmatlary döwrebap talaplara laýyklykda ýola goýmak möhüm wezipeleriň biri hasaplanylýar. Şoňa görä-de bank ulgamynyň kanunçylyk-hukuk binýady hem yzygiderli kämilleşdirilýär, ýurdumyzyň çar künjündäki raýatlarymyza täze bank hyzmatlary elýeterli edilip, ylmyň soňky gazanan innowasion tehnologiýalaryny peýdalanmak arkaly hyzmatlaryň täze görnüşleri döredilýär, netije-de pul-karz bazarynyň gerimi has-da giňeldilýär, ilata hödürlenilýän bank hyzmatlarynyň hili has-da ýokarlandyrylýar, elýeterliligi üpjün edilýär.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019-2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna» hem-de «Türkmenistanda 2019-2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasyna» laýyklykda milli ykdysadyýetimizi, şol sanda ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini dünýäniň ösen döwletleriniň derejesine ýetirmek hem-de ýurtda durnukly ykdysady ösüşi üpjün etmek boýunça anyk wezipeler durmuşa geçirilýär. Sanly tehnologiýalaryň giňden peýdalanylmagy ýurdumyzyň karz edaralarynyň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga we müşderilere bökdençsiz bank hyzmatlaryny hödürlemäge mümkinçilik berýär.

Belli bolşy ýaly, ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan ýurduň töleg ulgamyny kämilleşdirmek we nagt däl hasaplaşyklaryň gerimi-

# Совершенствование цифровых банковских услуг

В нашей стране в результате неустанных усилий уважаемого Президента, цифровизация банковской системы наряду со всеми секторами экономики и предоставление услуг в соответствии с современными требованиями считаются важными задачами. Поэтому систематично совершенствуется нормативно-правовая база банковской системы, гражданам со всей страны предоставляются новые банковские услуги и создаются новые виды услуг с использованием новейших инновационных технологий. Благодаря чему расширяются масштабы денежно-кредитного рынка, улучшается качество и обеспечивается доступность банковских услуг, предоставляемых населению.

Под мудрым руководством уважаемого Президента в соответствии с «Программой Президента Туркменистана по социально-экономическому развитию страны на 2019-2025 годы» и «Концепцией развития цифровой экономики в Туркменистане в 2019-2025 годах» реализуются конкретные задачи по приведению нашей национальной экономики, в том числе уровня жизни населения, к уровню развитых стран мира, также обеспечению устойчивого экономического развития в стране. Широкое применение цифровых технологий позволяет повысить конкурентоспособность кредитных организаций нашей страны и предоставлять клиентам непрерывные банковские услуги.

Как известно, кредитные учреждения нашей страны проводят огромную работу по совершенствованию платежной

ni giňeltmek maksady bilen köp işler amala aşyrylýar. Olaryň arasynda milli kartly töleg ulgamy boýunça elektron tölegleri geçirmekligi ýola goýmak aýratyn orny eýeleýär. Bu öz gezeginde ýurduň pul-karz ulgamyny kämilleşdirmäge, nagt däl hasaplaşygy ösdürmäge, milli ykdysadyýetimizde pul serişdeleriniň dolanyşygynyň netijeliligini ýokarlandyrmaga amatly şertleri döredýär.

Häzirki wagtda ýurdumyzda «Altyn asyr», «Millikart» we dünýäniň çar künjünde hereket edýän dürli görnüşli halkara «VISA» we «MasterCard» bank kartlary hereket edip gelýär. Bank kartlarynyň ulanylmagy zähmet haklarynyň onuň üsti bilen tölenilmegine, ygtybarly pul geçirimleriniň gysga wagtda nagt däl görnüşde amala aşyrylmagyna, puluň goraglylygyny üpjün etmäge, karz almak we goýum goýmak işlerini kämilleşdirmäge mümkinçilik berýär. Bu babatda ýurdumyzyň döwlet täjirçilik banklary tarapyndan halka edilýän hyzmatlaryň hili we görnüşleri yzygiderli ýokarlandyrylýar, nagt däl hasaplaşyk ulgamy günsaýyn kämilleşdirilýär. Söwda we hyzmat ediş nokatlarynda, ýangyç-guýujy beketlerinde, uçar we demir ýol ulagy üçin petekleriň satylýan ýerlerinde, poçta bölümlerinde, dermanhanalarda we beýleki nokatlarda bank kartlary bilen ýygymsyz töleg geçirip bolýar. Nagt däl görnüşli tölegler baradaky ähli maglumatlar bolsa töleg geçirijiniň ykjam telefonyna SMS




системы страны и расширению сферы безналичных расчетов. Среди них особое значение имеет организация работы в области электронных платежей в национальной платежной системе. Это, в свою очередь, создает благоприятные условия для улучшения денежно-кредитной системы страны, развития безналичных расчетов и повышения эффективности обращения денежных средств в нашей национальной экономике. В настоящее время в стране действуют банковские карты «Алтын асыр» и «Милликарт», также «VISA» и «MasterCard», функционирующие в разных частях мира на международном уровне. Использование банковских карт позволяет оплачивать зарплату через нее, надежно переводить денежные средства безналичным путем в короткие сроки, обеспечивать сохранность денег, совершенствовать процесс заимствования и вкладывания денежных средств. В связи с этим качество и виды услуг, предоставляемых населению государственными коммерческими банками страны, постоянно улучшаются, а система безналичных расчетов совершенствуется день ото дня. Вы можете совершать платежи без сборов с помощью банковских карт в точках продаж и обслуживания, на заправочных станциях, в пунктах продажи железнодорожных и авиабилетов, в почтовых отделениях, аптеках и других пунктах. Вся информация о безналичных платежах поступает по СМС на мобильный телефон плательщика. С помощью услуг «Интернет-банк» и «Мобильный-банк» клиент может в любое время ознакомиться со своей платежной информацией.

К услуге «Интернет-банк» можно подключиться, регистрировавшись через веб-браузеры с официального сайта обслуживающего банка, а также загрузив специализированное программное обеспечение для мобильных телефонов с официального сайта соответствующего

habary arkaly gelip gowuşýar. «Internet-bank» ýa-da «Mobil-bank» hyzmaty arkaly müşderi islendik wagtda öz tölegleri baradaky maglumat bilen tanşyp bilýär.

«Internet-bank» hyzmatyny müşderi hyzmat edilýän bank şahamçasynyň resmi internet sahypasyndan web brauzerler arkaly bellige alnyp ulanmaga mümkinçilik girizilendigi , mundan başgada degişli bank şahamçanyň resmi internet sahypasyndan (ýa-da «App Store», «Play Market» onlaýn gollanmasyndan) «mobil-bank» ýöriteleşdirilen programma üpjünçiligini ykjam telefon ýükläp ulanmaklyk mümkinçiligi döredilen. «Mobil-bank» hyzmatynyň «Internet-bank» hyzmatyndan esasy tapawudy – bank amallarynyň ykjam telefonlar we planşetler üçin niýetlenen ýörite mobil programma üpjünçiligi arkaly ýerine ýetirilmegidir. «Internet-bank» ulgamyna web brauzerler arkaly girilýän bolsa, «Mobil-bank» ulgamyna banklar tarapyndan taýýarlanan ýörite mobil programma üpjünçiligi arkaly girilýär. Ýagny, «Mobil-bank» hyzmaty, «Internet-bank» hyzmatynyň önümi bolup, müşderiniň hakyky wagt tertibinde IOS ýa-da Android operasion ulgamynda işleýän ykjam telefonlar ýa-da planşetler arkaly bank amallaryny ýerine ýetirip bilmegini aňladýar. «Internet-bank» hem-de «Mobil-bank» hyzmatlary müşderiniň bank amallaryna we hyzmatlaryna bolan isleglerini kanagatlandyrmaga, şol sanda, pul geçirimlerini ýeňilleşdirmäge hem-de çaltlaşdyrmaga, hasaplaşyklar geçirilende wagty tygşytlamaga amatly mümkinçilikleri döredýär. Karz edaralary tarapyndan berilýän dürli görnüşli karzlaryň esasy bergilerini gaýtarmak we olara hasaplanan göterimleri tölemek, aragatnaşyk hyzmatlary üçin tölenýän tölegleri tiz we amatly usulda tölemek ýaly hyzmatlary ýerine ýetirmek üçin «Internet-bank» we «Mobil-bank» hyzmatlary uly ähmiýete eýe bolýar. Internete birikdirilen kompýuter ýa-da planşet arkaly «Internet-bank» hyzmaty esasynda berlen karzlaryň, şol sanda ipoteka karzlarynyň esasy bergilerini we göterimlerini, «Altyn asyr» öýjükli aragatnaşyk, internet, IP-telewideniýe,

филиала банка (или из онлайн-руководства App Store, Play Market). Основное различие между услугой «Мобильный-банк» и услугой «Интернет-банк» заключается в том, что банковские операции осуществляются с помощью специального мобильного программного обеспечения для мобильных телефонов и планшетов. В то время как доступ к «Интернет-банк» осуществляется через веб-браузеры, доступ к «Мобильный-банк» осуществляется через специальное мобильное программное обеспечение, разработанное банками. То есть «Мобильный-банк» является продуктом услуги «Интернет-банка», с помощью которого клиент может осуществлять банковские операции в режиме реального времени через мобильный телефон или планшет, работающий под управлением операционной системы iOS или Android. Услуги «Интернет-банк» и «Мобильный-банк» предоставляют удобные возможности для удовлетворения потребностей клиента в банковских операциях и услугах, включая упрощение и ускорение денежных переводов, а также экономию времени в расчетах. Услуги «Интернет-банк» и «Мобильный-банк» имеют большое значение для предоставления таких услуг, как погашение основных долгов по различным видам кредитов, предоставляемых кредитными организациями и выплата начисленных им процентов, оплата услуг связи быстрым и удобным способом. Через систему «Интернет-банк», погашение основных долгов по ипотечным кредитам и процентов по ним, оплата услуг сотовой связи «Алтын асыр» и интернет-услуг, услуги IP-телевидения и ЗАО Ашхабадской городской телефонной сети может быть произведена самостоятельно через персональный компьютер или планшет, подключенный к Интернету. В настоящее время число наших граждан, пользующихся такими банковскими услугами, растет день ото дня.

Кредитные учреждения нашей страны

Aşgabat şäher telefon ulgamynyň hyzmatlary üçin tölegleri özbaşdak töläp bolýar. Häzirki wagtda şeýle bank hyzmatlaryndan peýdalanýan raýatlarymyzyň sany günsaýyn artýar.

Hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzy sanly ykdysadyýete geçirmek bilen bagly tabşyryklaryndan ugur alyp, ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan sanly bank önümlerini ornaşdyrmak arkaly raýatlarymyzyň isleglerini kanagatlandyrmak boýunça yzygiderli işler alnyp barylýar. Mysal hökmünde Türkmenistanyň «Halkbank» döwlet täjirçilik banky tarapyndan ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde tölegli esasda bilim alýan talyplaryň töleg işini ýeňilleşdirmek maksady bilen ornaşdyrylan «Talyp tölegi» onlaýn bank hyzmatyny görkezmek bolar. «Talyp tölegi» onlaýn hyzmatynyň amatly tarapy, talybyň ýa-da onuň ýakyn hossarynyň «Altyn asyr» bank kartyny peýdalanmak arkaly bir ýa-da birnäçe aýlyk okuw tölegini hakyky wagt tertibinde günüň islendik wagtynda amala aşyryp bolýar.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ýurdumyzyň karz edaralary nagt däl hasaplaşyklaryň gerimini has-da giňeltmek maksady bilen, 2020-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap, ýurdumyzyň ähli karz edaralary müşderilere töleg terminallary arkaly harytlar we hyzmatlar üçin geçirilýän nagt däl tölegleriň möçberiniň 0,5-2% aralygynda yzyna gaýtaryp bermek, ýagny, «Cash back» höweslendiriş hyzmatyny işe girizdi.

Bank kartlary arkaly geçirilýän nagt däl hasaplaşyklaryň geriminiň we mümkinçilikleriniň giňeldilmegi, bank kartlaryna bolan islegiň ýokarlanmagyna hem-de geçirilýän nagt däl hasaplaşyklaryň geriminiň has-da artmagyna getirip, ýurdumyzyň pul dolanyşygynyň netijeli hereket etmegine mynasyp goşandyny goşýar.

**Aziz HUDAÝBERDIÝEW,**
Türkmenistanyň Merkezi bankynyň
Lebap welaýat şahamçasynyň
Maglumat tehnologiýalar bölüminiň başlygy

прилагают огромные усилия для удовлетворения потребностей наших граждан путем внедрения цифровых банковских продуктов в соответствии с поручениями уважаемого Президента по переводу нашей страны в цифровую экономику.

В качестве примера можно привести услугу онлайн-банкинга «Студенческая оплата», которая была запущена Государственным коммерческим банком Туркменистана «Халкбанк» для упрощения оплаты для обучения студентов учащихся на платной основе в ВУЗах страны. Преимущество онлайн-услуги «Студенческая оплата» заключается в том, что студент или его / ее близкий родственник могут оплачивать одну или несколько ежемесячных плат за обучение в режиме реального времени, используя банковскую карту «Алтын асыр» в любое время дня.

В эпоху могущества и счастья в целях дальнейшего расширения сферы безналичных расчетов кредитных организаций нашей страны, с 1 января 2020 года все кредитные организации страны запустили услугу «Cash back», которая предусматривает возврат клиентам 0,5-2% от суммы безналичных платежей за товары и услуги через платежные терминалы.

Расширение масштабов и возможностей безналичных операций с помощью банковских карт, увеличение спроса на банковские карты и дальнейшее увеличение объема безналичных операций вносит достойный вклад в эффективное функционирование денежного обращения нашей страны.

**Азиз ХУДАЙБЕРДЫЕВ,**
начальник отдела Информационных технологий
филиала Центрального банка Туркменистана
Лебапском велаяте

# IŞGÄRLER SYÝASATY: EMELE GELMEGI WE ÖSÜŞ AÝRATYNLYKLARY

Hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda, Türkmenistanyň işgärler syýasaty döwlet syýasatynyň möhüm guraly hökmünde ýurduň milli ykdysadyýetiniň ösmeginde wajyp ähmiýete eýe bolup durýar. Bankyň häzirkizaman talaplaryna laýyk gelmegi, halk hojalygynyň diwersifikasiýasynda we ösüşinde möhüm ähmiýete eýedir.

Elektron senagatyny ösdürmek we diwersifikasiýalaşdyrmak arkaly hem-de geljekde milli ykdysadyýeti has-da ösdürmek maksady bilen, 2019-njy ýyldan bäri ýurdumyzda hormatly Prezidentimiz tarapyndan tassyklanan «Türkmenistanda 2019-2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasy» durmuşa geçirilýär.

Häzirki wagtda bazar ykdysadyýetiň öňünde birnäçe wezipeler goýulýar, olaryň biri hem adam resurslaryny netijeli ulanmak. Bu wezipelere ýetmek üçin adam resurslary babatynda ýolbaşçylar tarapyndan durmuşa geçirilýän pelsepäni we ýörelgeleri kesgitleýän dogry we takyk taýýarlanan işgärler syýasaty zerurdyr. Işgärler syýasatyna laýyklykda kärhananyň ösüş strategiýasyny göz öňünde tutup, hemişe üýtgeýän bazar talaplaryna öz wagtynda jogap bermäge ukyply işgär potensialyny gorap saklamaga, berkitmäge we ösdürmäge gönükdirilen düzgünleriň we kadalaryň, maksatlaryň we wezipeleriň toplumyna düşünilýär. Işgärler syýasaty guramanyň ýolbaşçylary tarapyndan döredilýär, işgärler gullugy işgärler tarapyndan öz wezipelerini ýerine ýetirmek

# Кадровая политика: особенности формирования и развития

Под мудрым руководством уважаемого Президента кадровая политика Туркменистана, как важный инструмент государственной политики играет важную роль в развитии национальной экономики страны. Соответствие банковской деятельности современным требованиям играет важную роль в диверсификации и развитии национальной экономики.

В целях дальнейшего развития национальной экономики путём её диверсификации, роста электронной промышленности с 2019 года в стране реализуется «Концепция по развитию цифровой экономики Туркменистана на 2019-2025 годы», утверждённая Президентом.

В настоящее время рыночная экономика ставит перед собой ряд задач, одной из которых является максимально эффективное использование кадрового потенциала. Для достижения этой задачи нужна четко разработанная кадровая политика, которая определяет философию и принципы, реализуемые руководством в отношении человеческих ресурсов. Под кадровой политикой понимают совокупность правил и норм, целей и задач, направленных на сохранение, укрепление и развитие кадрового потенциала, способного своевременно реагировать на постоянно меняющиеся требования рынка с учетом стратегии развития предприятия. Кадровая политика формируется руководством организации, реализуется кадровой службой в процессе выполнения её работниками

prosesinde amala aşyrylýar.

Islendik guramanyň esasyny işgärler potensialy düzýär. Guramanyň işjeň elementi we hereketlendiriji güýji işgärler bolup durýar. Guramanyň alyp barýan işleriniň netijesi, durmuş we ykdysady ugurlardaky artykmaçlygy, şeýle hem guramanyň zähmet bazaryndaky orny işgärleriň kärine, netijeli ulanylmagyna we ýerleşdirilmegine baglydyr.

Işgärler potensialy guramanyň esasy baýlygydyr we onuň döredilmegi guramany dolandyrmakda esasy orun eýeleýär. Işgärler potensialyny ösdürmek – başarnykly ýolbaşçynyň iň möhüm meseleleriniň biridir. Bäsdeşlik ukyby we ykdysady täsir bu prosesiň üstünliklerine gönüden-göni baglydyr. Bu wezipäni ýerine ýetirmekde ýolbaşçylar zähmet mümkinçiliklerini kesgitlemeli we baha bermeli, zähmet potensialyny dolandyrmagyň iň gowy usulyny saýlamaly, işgärleri ösüşe gyzyklandyrmaly we şeýlelik bilen işgärleriň potensialyny ýokarlandyrmaly.

Guramanyň işgärler potensialyny ösdürmek, dowamly bilim, işgärleri taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak ulgamyna, dolandyryş usullaryny we guramaçylyk gurluşlaryny kämilleşdirmäge esaslanýar. Bir guramanyň işgär potensialy näçe ýokary bolsa, hakyna tutulan işgärleriň mümkinçilikleri şonça-da köp, üstesine-de, olar has çylşyrymly meseleleri çözüp bilýärler.

Işgärler – bu önümçiligiň esasy we möhüm faktorlarynyň biridir, jemgyýetiň ilkinji öndüriji güýjidir. Olar önümçilik serişdelerini döredýärler we herekete getirýärler, yzygiderli kämilleşdirýärler. Önümçiligiň netijeliligi esasan işgärleriň kärine, hünär taýýarlygyna we işiniň hiline baglydyr.

Işgärler syýasatynyň maksady – guramanyň ösüş strategiýasyna laýyklykda maksatlary wagtynda düzmek, meseleleri we wezipeleri kesgitlemek, ýollary tapmak we maksatlara ýetmegi guramak. Işgärler syýasaty işgärler potensialyny gorap saklamak we

своих функций.

Основу любой организации составляет кадровый потенциал. Именно кадры являются активным элементом организации, и её движущей силой. От квалификации персонала, их эффективного использования, расстановки зависит результат деятельности организации, её преимущество в социальной и экономической сферах, а также место организации на рынке труда.

Кадровый потенциал составляет основное богатство организации, и его формированию должна уделяться ключевая роль в управлении организацией. Развитие кадрового потенциала – одна из важнейших задач грамотного руководителя. От успеха этого процесса напрямую зависит конкурентоспособность и экономический эффект. При реализации этой задачи руководству нужно определить и оценить свои трудовые возможности, выбрать оптимальный способ управления своим трудовым потенциалом, суметь заинтересовать персонал в развитии и наращивать тем самым кадровый потенциал.

Развитие кадрового потенциала организации основано на системе постоянного образования, подготовке и переподготовке персонала, на совершенствовании стилей управления и организационных структур. Чем выше кадровый потенциал организации, тем больше потенциальные возможности нанятых сотрудников и тем более сложные задачи они могут решать.

Кадры – это главный и решающий фактор производства, первая производительная сила общества. Они создают и приводят в движение средства производства, постоянно их совершенствуют. От квалификации работников, их профессиональной подготовки, деловых качеств в значительной мере зависит эффективность производства.

ösdürmek, ýokary netijeli topar döretmek, amatly iş şertlerini döretmek we işgärleriň işiniň esasy ugurlary boýunça kärhananyň ornuny ösdürmek ýaly maksatlary öz öňünde goýýar. Işgärler syýasatyny ösdürmekde möhüm maksatlaryň biri hakyna tutulan işgärler üçin ýörelgeler we talaplardyr.

Işgärler syýasatynyň esasy ugurlary: işgärleri dolandyrmak; işgärleriň arasynda marketing çärelerini geçirmek; guramanyň işgärleriniň zerurlyklaryny meýilleşdirmek; täze tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagyny göz öňünde tutup, täze iş ýerleriniň döredilmegini çaklamak; işgärleri çekmek, saýlap almak, baha bermek we hünär synagyndan geçirmek; öňdebaryjy wezipelere çykmak üçin ätiýaçlyk döretmek we taýýarlamak; hünäri ugrukdyrmak we zähmet uýgunlaşmagy; işgärleri işe almak we ýerleşdirmek; işgärleri höweslendirmek we zähmet haky; işgärleriň ösüşi; işgärleriň howpsuzlygyny we saglygyny üpjün etmek we başgalar bolup durýar.

Şeýlelik bilen, bank ulgamynda häzirki zaman bazar gatnaşyklaryna geçiş döwründe işgärler potensialyny netijeli ulanmak we gowulandyrmak boýunça işler alnyp barylýar. Dolandyryjy wezipesine ýüz tutýan hünärmenler bilen söhbetdeşlik işleri dowam edýär. Hünärmenleriň hünär derejesini ýokarlandyrmak üçin işgärleri taýýarlamak, hünär derejesini ýokarlandyrmak we gaýtadan taýýarlamak, olaryň halkara okuw maslahatlaryna gatnaşmagy, şeýle hem halkara maliýe guramalary we daşary ýurtlaryň merkezi banklary we beýleki iri banklar bilen hyzmatdaşlygy meýilleşdirilýär. Şeýle hem, sertifikasiýa we baha beriş kadalaryny gowulandyrmak, güýçli hünärmenleri ýüze çykarmak we ösdürmek, şeýle hem bank işgärleri üçin zähmet düzgün-nyzamyny güýçlendirmek meýilleşdirilýär, işgärleri taýýarlamak, gaýtadan taýýarlamak we kämil taýýarlamak arkaly meýilleşdirilýär.

Boş wezipe üçin dalaşgäriň başarnykly saýlanmagy, ýokary hilli işde möhüm gural

Назначение кадровой политики – своевременно формулировать цели в соответствии со стратегией развития организации, ставить проблемы и задачи, находить способы и организовывать достижение целей. Кадровая политика ставит перед собой такие цели, как сохранение и развитие кадрового потенциала, формирование высокоэффективного коллектива, создание благоприятных условий труда и выработка позиций фирмы по основным направлениям кадровой работы. Важное назначение в разработке кадровой политики имеют принципы и требования, предъявляемые к работникам, принимаемым на работу.

Основными направлениями кадровой политики являются: управление персоналом; проведение маркетинговой деятельности в области персонала; планирование потребности организации в персонале; прогнозирование создания новых рабочих мест с учетом внедрения новых технологий; организация привлечения, отбора, оценки и аттестации кадров; формирование и подготовка резерва для выдвижения на руководящие должности; профориентация и трудовая адаптация; подбор и расстановка персонала; мотивация и стимулирование персонала, оплаты труда; развитие персонала; обеспечение безопасности и охраны здоровья персонала и многое другое.

Так, в условиях перехода на современные рыночные отношения в банковской системе ведутся работы по эффективному использованию и совершенствованию кадрового потенциала. Проводятся работы по собеседованию со специалистами, претендующими на должность руководителя. Для усовершенствования квалификации специалистов планируется обучение, повышение квалификации и переподготовка кадров, их участие в международных семинарах, а также сотрудни-

bolup durýar. Şonuň üçin, häzirki zaman şertlerinde öňdebaryjy işgärleri saýlamagyň usullaryny ulanmak ýerlikli boldy. Häzirki wagtda guramalarda işgärleri taýýarlamagyň täze usulyna – tälimçilige artykmaçlyk berilýär. Tälimçiniň esasy maksady, adama bir meselä dürli tarapdan seretmegi, ýagny ýagdaýa umuman düşünmegi öwretmek we ony haýsydyr bir nukdaýnazardan garamazlyk. Tälimçilik – müşderi bilen bilelikde çözgüt tapmaga gönükdirilen maslahat we okuw usulydyr.

Bankyň ösüş strategiýasyna laýyklykda, bank işleriniň üýtgemegi we täze ugurlarda hünärleriň kesgitlenmegi her ýyl göz öňünde tutulýar. Şeýle hem zerur hünärmenleriň sanawyna üýtgetmeler girizmek we degişli talaplara laýyklykda hünär derejesini kesgitlemek üçin çäreler görülýär.

2020-nji ýylyň 24-nji ýanwarynda hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň sanly wideoaragatnaşyk ulgamy boýunça mejlisini geçirdi. Şol ýerde esasanam bilimiň hilini we sanly ykdysadyýetde okuw derejesini ýokarlandyrmak babatynda möhüm meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy. Hormatly Prezidentimiz sanly ykdysadyýetiň täze derejedäki okuwy, şeýle hem bu ugurda dünýä tejribesini öwrenmegiň zerurdygyny aýtdy.

Işgärler syýasatynyň emele gelmegine we ösmegine daşarky we içerki faktorlar täsir edýär. Daşky gurşaw faktorlary zähmet bazaryndaky ýagdaýy; ykdysady ösüş meýilleri; ylmy-tehniki ösüşi; kadalaşdyryjy-hukuk gurşawy we beýlekileri öz içine alýar. Içerki gurşawyň faktorlaryna bolsa guramanyň maksatlary; dolandyryş usuly; maliýe çeşmeleri; guramanyň işgärler potensialy; ýolbaşçylyk usuly girýär.

Ýokarda aýdylanlara esaslanyp, işgärler syýasaty häzirki kanunçylygyň berjaý edilmegi bilen diňe bir ykdysady däl, eýsem durmuş täsiri hem aljak işgärler bilen şeýle iş ulgamyny döretmäge gönükdirilendir. Iş-

чество с международными финансовыми организациями и центральными банками зарубежных стран и с другими крупными банками. Также, планируется совершенствование правил проводимых аттестаций и оценок, для выявления и развития сильных специалистов и укрепления трудовой дисциплины в банковской системе, а также для банковских сотрудников планируется путём обучения, переподготовки и повышения квалификации кадров.

Грамотный выбор кандидата на вакансию – это ключевой фактор качественной трудовой деятельности. Поэтому в современных условиях актуальным стало использование передовых методов подбора персонала. На данный момент в организациях предпочтение отдаётся новому методу обучения персонала – коучингу. Основная цель коучинга – научить человека смотреть на проблему с разных сторон, т. е воспринимать ситуацию в целом, а не рассматривать её с какой-то одной, определённой позиции. Коучинг – это метод консультирования и тренинга, направленный на поиск решения совместно с клиентом.

В соответствии со стратегией банковского развития, ежегодно учитываются преобразования банковской деятельности и выявление специальностей по новым направлениям. Также проводятся мероприятия по внесению изменений в перечень необходимых специалистов и определению уровня специальности по надлежащим требованиям.

24 января 2020 года уважаемый Президент Туркменистана по системе цифровой видеосвязи провёл очередное заседание Кабинета Министров, на котором были рассмотрены важные вопросы, в частности об улучшении качества образования и уровня подготовки кадров в области цифровой экономики. Президент Туркменистана отметил, что цифровая

gärler syýasatynyň mazmuny işe almak bilen çäklenmän, kärhanany taýýarlamak, işgärleri ösdürmek we işgäriň we guramanyň özara täsirini üpjün etmek babatynda kärhananyň esasy pozisiýalaryna degişlidir. Işgärler syýasaty işgärleri dolandyrmak ulgamynyň özenidir, sebäbi onuň netijesinde işgärleri dolandyrmagyň maksatlary we wezipeleri durmuşa geçirilýär.

Şu nukdaýnazardan, hormatly Prezidentimiz tarapyndan kabul edilen ähli maksatnamalaryň we Konsepsiýanyň durmuşa ornaşdyrylmagy netijesinde, milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynda güýçli hünärmenleri ýüze çykarmak, işgärleriň taýýarlygynyň hilini ýokarlandyrmak, mäkäm we has güýçli işgär düzümini döretmek, tehnologiýalara eýe bolan ýokary hünärli hünärmenleri kämil taýýarlap ýetişdirmek ýaly wezipeleriň çözülmegi, kärhananyň bäsdeşlige ukyplylygynyň ýokarlanmagyna oňyn netije berer we ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň has-da gowulanmagyna getirer.

**Gülaýym ŞÜKÜROWA,**
Türkmenistanyň Merkezi bankynyň
Işgärler syýasaty müdirliginiň
Daşary ýurt tejribesini özleşdirmek
we hünärmenleri taýýarlamak
bölüminiň baş hünärmeni

экономика требует нового уровня подготовки кадров, а также необходимости изучения мирового опыта в данной области.

На формирование и развитие кадровой политики влияют внешние и внутренние факторы. К факторам внешней среды относятся: ситуация на рынке труда; тенденции экономического развития; научно-технический прогресс; нормативно-правовая среда.

К факторам внутренней среды можно отнести: цели организации; стиль управления; финансовые ресурсы; кадровый потенциал организации; стиль руководства.

Исходя из выше изложенного, следует, что кадровая политика направлена на формирование такой системы работы с кадрами, которая ориентировалась бы на получение не только экономического, но и социального эффекта при условии соблюдения действующего законодательства. Содержание кадровой политики не ограничивается наймом на работу, а касается принципиальных позиций предприятия в отношении подготовки, развития персонала, обеспечения взаимодействия работника и организации. Кадровая политика является ядром системы управления персоналом, так как благодаря ей осуществляется реализация целей и задач управления персоналом.

**Гулайим ШУКУРОВА,**
главный специалист Отдела по внедрению
международного опыта и переподготовки
персонала департамента Кадровой политики
Центрального банка Туркменистана

# ELEKTRON TÖLEGLERIŇ ÄHMIÝETI

Hormatly Prezidentimiziň görkezmelerinden ugur alyp, soňky ýyllarda pul dolanşygynyň düzümini kämilleşdirmek maksady bilen, ýurdumyzyň karz edaralarynda elektron töleg ulgamyny ornaşdyrmaga aýratyn ähmiýet berilýär. Ilatyň bank ulgamyna bolan ynamyny artdyrmak, karz alyjylaryň we goýumçylaryň bähbitlerini goramak maksady bilen, banklaryň kadalaşdyryjy hukuk binýady yzygiderli kämilleşdirilýär. Ygtybarly we derhal hasaplaşyk ulgamlarynyň hereketini üpjün etmek, şeýle hem, pul serişdeleriniň ýerleşdirilişini kadalaşdyrmak arkaly maliýe bazaryny kämilleşdirmek Türkmenistanyň pul-karz syýasatynyň netijeliligini artdyrmagyň möhüm şerti bolup çykyş edýär.

Häzirki wagtda «Internet-bank» we «Mobil-bank» ulgamlary arkaly bank hyzmatlaryny ýerine ýetirmek bank işiniň ileri tutulýan ugurlarynyň birine öwrüldi. Bu ugurda programma üpjünçiliginiň ýeterlikli derejede alnyp barylmagy, banklaryň internet sahypalarynyň barha kämilleşdirilmegi täze ýola goýlan hyzmatlar barada müşderileriň hakyky wagt tertibinde habardar bolmagyna ýardam edýär.

Dünýäniň öňdebaryjy döwletleriniň hatarynda tanalýan eziz diýarymyzda hem her bir täzeçillik, häzirki zaman tehnologiýalaryndaky öňegidişlikler halkymyz tarapyndan gyzgyn garşy alynýar. Täze innowasion tehnologiýalary ulanmak arkaly geçirilýän bank tölegleri, hasaplaşyk ulgamynda käbir ýeňillikleriň döredilmegi wagty tygşytlamak bilen birlikde hyzmatlaryň hiliniň yzygiderli gowulandyrylmagyna hem oňyn täsir edýär.

# Значимость электронных платежей

Исходя из поручений уважаемого Президента, в целях улучшения структуры денежного обращения в последние годы особое внимание уделяется внедрению систем электронных платежей в кредитных организациях страны. Систематично совершенствуется нормативно-правовая база банков с целью повышения доверия населения к банковской системе и защиты интересов заемщиков и вкладчиков. Обеспечение функционирования надежных и оперативных систем расчетов, а также улучшение финансового рынка путём регулирования размещения средств является важным условием повышения эффективности денежно-кредитной политики Туркменистана.

В настоящее время осуществлять банковские услуги через системы «Интернет-банк» и «Мобильный-банк» стали одним из приоритетов банковского дела. Наличие необходимого программного обеспечения и улучшенных банковских сайтов помогают клиентам всегда быть в курсе новейших услуг в режиме реального времени.

В нашей стране, которая известна как одна из ведущих стран мира, каждое новшество, достижения в современных технологиях горячо приветствуются нашим народом. Банковские платежи с использованием новых инновационных технологий и удобность расчётной системы положительно влияют на постоянное улучшение качества услуг, также помога-

Ýurdumyzyň maliýe-bank ulgamynda ýola goýlan sazlaşykly işler netijesinde ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan müşderilere edilýän hyzmatlaryň gerimi günsaýyn giňeýär, hyzmatlary sanly görnüşe geçirmekde döwrebap usullar işjeň ulanylýar. Müşderiniň arzasy ýa-da «Internet-bank» ulgamy arkaly maşgalanyň her bir agzasy üçin aýratynlykda hepdelik sarp ediljek pul mukdarynyň möçberini kesgitlemäge mümkinçilik döredilen. «Maşgala» bank karty çagalara we talyplara gerekli okuw esbaplaryny we beýleki harytlary satyn almaga, söwda we hyzmat ediş nokatlarynda hasaplaşyklary geçirmäge, «Internet-bank» we «Mobil-bank» ulgamlary arkaly karzlaryň esasy bergisini gaýtarmaga we hasaplanan göterimi tölemäge, öý telefon, öýjükli telefon, IP-TV we internet hasabyny doldurmaga we bank kartynyň galyndysyny bilmäge amatly mümkinçilikleri döredýär. Mundan başga-da bank kartlary arkaly islendik wagtda we islendik ýerde awia, demirýol, awtobus peteklerini satyn alyp bolýandygyny, şeýle-de buýurmalar esasynda elektron söwdasyny ýerine ýetirip bolýandygyny buýsanç bilen bellemek bolar.

Häzirki zaman bank hyzmatlaryny ýerine ýetirmegiň oňyn dünýä tejribeleriniň düýpli öwrenilmegi netijesinde, ýurdumyzda maliýe-bank we hasaplaşyk-töleg ulgamlarynyň has-da ösdürilmegi öz gezeginde bank ulgamynyň durnuklylygyny we ygtybarlylygyny ýokarlandyrmaga, banklaryň işjeňligini barha artdyrmaga, müşderilere täze bank hyzmatlaryndan oňaýly şertlerde peýdalanmak mümkinçiligini giňeltmäge ýardam edýär.

**Aknur KAKABAÝEWA,**
Türkmenistanyň Merkezi bankynyň
Daşoguz welaýat şahamçasynyň
Bank gözegçiligi bölüminiň baş hünärmeni

ет экономить время.

В результате слаженной работы в финансово-банковской системе нашей страны спектр услуг, предоставляемых клиентам кредитными организациями страны, расширяется с каждым днем, также активно используются современные методы цифровизации услуг. Можно определить сумму денег, которая будет потрачена в неделю отдельно для каждого члена семьи через заявление клиента или систему интернет-банкинга. Банковская карта «Машгала» позволяет детям и студентам приобретать необходимые школьные принадлежности и другие товары, производить платежи в торговых и сервисных точках; системы «Интернет-банк» и «Мобильный-банк» предоставляют удобные возможности для погашения основного долга и выплаты процентов, для пополнения счета домашнего телефона, мобильного телефона, IP-телевидения и Интернета, а также для определения баланса банковской карты. Можно также с гордостью отметить, что авиабилеты, железнодорожные и автобусные билеты можно приобрести в любое время и в любом месте с помощью банковских карт, а также можно осуществлять электронную торговлю на основе заказов.

Тщательное изучение позитивной мировой практики внедрения современных банковских услуг, дальнейшее развитие финансово-банковской и расчетной систем в нашей стране, в свою очередь, поспособствует повышению стабильности и надежности банковской системы, повышению активности банков и расширению доступа клиентов к новым банковским услугам на выгодных условиях.

**Акнур КАКАБАЕВА,**
главный специалист
отдела Банковского надзора
филиала Центрального банка Туркменистана
Дашогузском велаяте

# BANK INNOWASIÝASY: WAJYPLYGY WE NETIJELILIGI

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda milli ykdysadyýetimiziň ähli ugurlary bilen bir hatarda bank ulgamy hem yzygiderli kämilleşdirilýär.

«Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011-2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyna» laýyklykda, ýurdumyzyň bank ulgamynyň işini döwrebaplaşdyrmak hem-de bu ulgama halkara bank tejribesiniň iň öňdebaryjy usulyýetini, innowasion tehnologiýasyny ornaşdyrmak, pul serişdeleriniň kadaly dolanyşygyny üpjün etmek, töleg ulgamlaryny kämilleşdirmek işleri baş wezipeleriň biri hökmünde öňe sürülýär.

Häzirki döwürde bank ulgamynda innowasion syýasaty girizmek arkaly wagtlaýyn ulanylmaýan serişdeleri çekmek, karz pul serişdelerini bermek, maýa goýumlaryny maliýeleşdirmek we dürli tölegleriň çalt we öz wagtynda geçirilmegini üpjün etmek, bank kepilini bermek, karzlara bolan islegleri yzygiderli ýokarlandyrmak ýaly işler döwrebaplaşdyrylýar.

Bank innowasiýasy müşderileriň isleglerini ýokary derejede kanagatlandyrmak üçin bankyň ylmy-tehniki işiniň ahyrky oňyn netijesidir, bankyň ähli pudaklaryndaky täzeliklerdir. Bu ylmy täzelikleriň netijeleri bankyň we onuň şahamça torunyň müşderi bazasyny, bazar paýyny giňeltmek, bank işini amala aşyrmagyň tranzaksionharajatlaryny kemeltmek, bank ulgamynyň döwrebaplaşdyrylmagyny çaltlandyrmak ugrunda bank edaralarynda dolandyrmagyň häzirki zaman görnüşlerini we usullaryny ornaşdyr-

# Банковские инновации: важность и эффективность

В эпоху могущества и счастья под мудрым руководством уважаемого Президента наряду со всеми отраслями национальной экономики целенаправленно развивается и совершенствуется банковская система.

В соответствии с «Государственной программой развития банковской системы Туркменистана на 2011-2030 годы» одной из основных целей стратегического развития является преобразование деятельности отечественной банковской системы, привлечение и освоение наиболее прогрессивных инновационных технологий, позитивного мирового банковского опыта, призванных способствовать дальнейшему совершенствование денежного оборота и системы банковских взаиморасчетов.

В настоящее время в рамках осуществления избранной государством инновационной политики ведется масштабная работа по коренной модернизации отечественной банковской системы. Совершенствуется порядок и методология привлечения в экономический оборот временно неиспользуемых средств, денежного кредитования, финансирования капиталовложений, обеспечения оперативной и текущей оплаты, а также предоставления банковских гарантий, с учетом растущего спроса на кредитные услуги.

Банковские инновации – это конечный результат научно-технической де-

mak bankyň guramaçylyk-hukuk görnüşiniň düzümini yzygiderli kämilleşdirmek, töwekgelçiligi dolandyrmagyň usullaryny ösdürmek, içki gözegçilik ulgamynyň netijeliligini gazanmak ýaly ugurlarda ýüze çykýar.

Bank innowasiýalaryna:

- täze maliýe önümleriniň we hyzmatlarynyň, ýa-da bar bolanlarynyň täze modifikasiýalarynyň, innowasion marketing strategiýalarynyň işlenip taýýarlanmagy;
- bankyň içindäki öwrülişikleriň, müşderilere hyzmat bermegiň üpjünçiligi bilen bagly innowasiýalary;
- işiň netijeliligini artdyrmak üçin bankyň ýa-da aýry-aýry düzüm bölümleriniň guramaçylyk-gurluşynyň üýtgedilmegi we ş.m. degişlidir.

Bank ulgamynyň işini kämilleşdirmek boýunça geçirilýän innowasion çäreler banklaryň maýalaşdyryş derejesiniň ýokarlanmagyna, gazna serişdeleriň binýadyny berkitmäge, bank gözegçiligini kämilleşdirmäge, bank amallarynyň göwrümini giňeltmäge, täze, innowasion bank önümleriniň we tehnologiýalarynyň ornaşdyrylmagyna, bank hyzmatlarynyň hiliniň ýokarlanmagyna öz oňyn täsirini ýetirýär.

Ýurdumyzda amala aşyrylýan ykdysady özgertmelerde bank ulgamynyň işini döwrebaplaşdyrmak, bank hyzmatlarynyň hilini halkara derejelerine çykarmak we bank hyzmatlarynyň görnüşlerini artdyrmak hem-de milli pulumyzyň hümmetiniň durnuklylygyny üpjün etmek ykdysady ösüşimiziň häzirki tapgyrynda ileri tutulýan ugurlara degişlidir.

Täze tehnologiýalaryň yzygiderli ösdürilmegi ilata töleg-hasaplaşyk, karz, depozit, we beýleki hyzmatlary daşlaşan tertipde ýerine ýetirmäge mümkinçilik döredýär.

Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň täze innowasion ugurlarynda, senagatda, logistikada, söwda-ykdysady gatnaşyklarynda, ylmy-tehnologik we maýa goýum gatnaşyklarynda döwrebap taslamalar durmuşa yzygiderli geçirilýär.

Bank ulgamy milli ykdysadyýeti maýa

ятельности банка, новшество в функционировании всех его структурных подразделений в целях наиболее полного и эффективного удовлетворения запросов потребителей банковских услуг. Указанные результаты научных новшеств в деятельности банка наглядно проявляются в расширении клиентской базы банка и его филиалов, расширении его доли на рынке банковских услуг, уменьшении объема транзакционных расходов по банковским операциям, а также в активизации процессов внедрения прогрессивных методов и форм администрирования банковских учреждений, ускоренной модернизации банковской системы, последовательном совершенствовании состава организационно - правовой структуры банка, зримом росте предпринимательской инициативы, повышении эффективности системы внутреннего контроля.

Банковские инновации включает в себя:

- процесс разработки новых финансовых продуктов и услуг, или модификации уже существующих, разработки инновационной маркетинговой стратегии;
- инновации в области банковского обслуживания, реформирование внутри банковской деятельности;
- преобразование организационной структуры банка или его отдельных сегментов в целях повышения конечных показателей и т.д.

Осуществляемые в данном направлении комплексные меры благотворно влияют на процесс финансовой капитализации банков, укрепление фондовой базы, способствуют совершенствованию банковского контроля, расширению объема и ассортимента банковских услуг и технологий.

В настоящее время основными приоритетами осуществляемых в нашей стране масштабных экономических преобразований является коренная реформация и мо-

goýum serişdeleri bilen üpjün etmekde uly ähmiýete eýe bolup, bu ulgamyň sanlylaşdyrylmagy işewürlik mümkinçiliklerini artdyrmaga, bank hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmaga, nagt däl hasaplaşyklar ulgamyny ösdürmäge, hyzmatlaryň täze döwrebap görnüşlerini hödürlemäge, harajatlary we wagty tygşytlamaga ýardam berýär.

Hazirki wagtda Türkmenistanyň karz edaralarynda nagt däl hasaplaşyklary has-da ösdürmek, pul dolanyşygynyň netijeliligini ýokarlandyrmak, hödürlenilýän hyzmatlary online tertipde amala aşyrmak, bank kartlary arkaly toleg ulgamynyň ýaýrawy giňeldilýär.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda amala aşyrylýan bank ulgamyndaky özgertmeleriň ählisi ýurdumyzyň raýatlarynyň hal-ýagdaýyny has-da gowulandyrmaga, olaryň ýaşaýyş-durmuş derejelerini dünýäniň ösen ýurtlarynyň derejesine ýetirmäge gönükdirilendir.

**Maksat AKYÝEW,**
Türkmenistanyň Merkezi bankynyň
Jemgyýetçilik aragatnaşygy we ýazgy bölüminiň
başlygynyň w.w.ý.ý.

дернизация деятельности отечественной банковской системы, обеспечение международного уровня качества банковских услуг, увеличение видов и объема банковского обслуживания, а также обеспечение стабильности национальной валюты.

Современная динамика роста новых технологий дает возможность населению выполнять операции по взаиморасчетам, оформить кредит, депозит, получить другие виды банковских услуг на расстоянии.

Реализуются современные проекты в новых инновационных направлениях экономики нашей страны, в промышленности, логистике, торгово-экономических отношениях, научно-технических и инвестиционных отношениях.

Банковская система играет важную роль в обеспечении национальной экономики инвестиционными фондами. Цифровизация этой системы расширит возможности для бизнеса, улучшит качество банковских услуг, создаст систему безналичных расчетов, предложит новые, современные, рентабельные услуги, которые одновременно помогут сэкономить время.

В настоящее время в кредитных учреждениях страны ведется широкомасштабная работа по дальнейшему развитию безналичных расчетов, повышению эффективности движения денежных средств, онлайн-услуг, расширению платежной системы посредством банковских карт.

Под мудрым руководством уважаемого Президента все реформы в банковской системе направлены на дальнейшее улучшение благосостояния граждан нашей страны и повышение их уровня жизни до уровня развитых стран мира.

**Максат АКЫЕВ,**
в.и.о. начальника
отдела Общественных связей и протокола
Центрального банка Туркменистана

# BANK HYZMATLARYNYŇ TÄZE GÖRNÜŞLERI

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe mähriban Arkadagymyzyň taýsyz tagallalary bilen milli ykdysadyýetimizi diwersifikasiýalaşdyryp ösdürmek, ýurtda durnukly ykdysady ösüşi üpjün etmek, ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň has-da gowulandyrylmak, ähli ykdysady pudaklary sanlylaşdyrmak hem-de bank ulgamynyň işine döwrebap tehnologiýalary giňden ornaşdyrmak wezipeleri durmuşa geçirilýär. Bank hyzmatlarynyň esasy ugry bolan bank kartlary arkaly nagt däl hasaplaşyklary geçirmäge aýratyn orun degişlidir. Nagt däl hasaplaşyk tehnologiýalary bütin dünýäde birnäçe onýyllygyň dowamynda halk köpçüligi üçin bank hyzmatlarynyň ygtybarly we netijeli görnüşi bolup, häzirki döwre çenli wajyplygyny ýitirmän gelýär we giňden peýdalanylýar.

Nagt däl hasaplaşyklar – bu nagt pullary ulanmazdan karz edaralaryndaky hasaplar boýunça pul serişdelerini geçirmeklige düşünilýär. Nagt däl hasaplaşyklar pul serişdeleriniň dolanyşygyny tizleşdirmekde, kadaly pul dolanyşygy üçin zerur bolan nagt pullaryň möçberini azaltmakda möhüm ykdysady ähmiýete eýedir.

Häzirki wagtda ýurdumyzda nagt däl hasaplaşyklary, sanly ykdysadyýeti ösdürmek boýunça birnäçe işler alnyp barylýar, milli Maksatnamalar kabul edilýär. Muňa mysal edip, «Türkmenistanda 2019-2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasyny» görkezmek bolar. Kabul edilen Konsepsiýa-

# Новые виды банковских услуг

В эпоху могущества и счастья благодаря беспрецедентным усилиям Уважаемого Президента в нашей стране реализуются широкомасштабные задачи по диверсификации национальной экономики, обеспечению стабильного роста экономики, улучшению социально-бытовых условий нашего населения, цифровизации всех отраслей экономики, внедрению новых технологий в банковскую систему. Особое место занимает проведение безналичных расчетов с использованием банковских карт, что является основным направлением банковских услуг. Технология безналичных расчетов, являясь надежной и эффективной формой банковского обслуживания населения, в течение последних несколько десятилетий не теряет свою актуальность и широко применяется во многих сферах деятельности.

Безналичные расчеты – это перечисление денежных средств, находящихся на счетах банковских учреждений без применения наличных денег. Безналичные расчеты имеют большое экономическое значение для ускорения оборота денежных средств, нормального денежного оборота, уменьшения денежной массы.

В настоящее время в нашей стране проводится большая работа по расширению безналичных расчетов, развитию цифровой экономики, принимаются Национальные программы в этой области. Примером этому является «Концепция развития цифровой экономики в Туркменистане в 2019-

laýyklykda nagt däl hasaplaşyklary ösdürmegiň gerimi has-da giňeldilýär. Bu babatda bank hyzmatlarynyň hilini kesgitleýän «Internet-bank», «Mobil-bank», «Cash back», «Elektron gapjyk» ýaly täze sanly önümler bank işjeňliginiň esasy görkezijisi bolup durýar.

Hormatly Prezidentimiziň ýadawsyz tagallalary bilen 2020-nji ýylyň ýanwar aýyndan başlap ýurdumyzda «Cash back» bank hyzmaty raýatlaryň bank kartlaryna birikdirildi. «Cash back» bank hyzmaty, bu bank kartlary arkaly harytlar we hyzmatlar nagt däl görnüşde satyn alnanda müşderiniň «Altyn asyr» bank kartynyň hasabyna tölenýän pul sylagy bolup durýar. Bu täze bank hyzmaty ýurdumyzyň bank ulgamynda girizilen höweslendiriji hyzmatyň görnüşi bolup, müşderiler üçin nagt däl hasaplaşyklaryň amatlylygyny has-da ýokarlandyrýar. Hyzmata laýyklykda, töleg terminallary arkaly nagt däl görnişinde geçirilýän bank amallaryna degişlilikde 0,5-3 göterim aralygynda pul sylaglaryny geçirmek bellenendir. «Cash back» bank hyzmatynyň ulanylyşa girizilmegi ýurdumyzda ornaşdyrylýan sanly ykdysadyýetiň ösmegine uly itergi berýär.

Ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan geçirilýän nagt däl hasaplaşyklaryň gerimini giňeltmek we hilini ýokarlandyrmak boýunça yzygiderli işler alnyp barylýar. Mysal hökmünde Türkmenistanyň «Halkbank» döwlet täjirçilik bankynyň «Talyp tölegi» hyzmatyny görkezmek bolar. «Talyp tölegi» hyzmatynyň esasy maksady ýurdumyzyň orta hünär we ýokary okuw mekdeplerinde tölegli esasda bilim alýan talyplaryň töleg işini ýeňilleşdirmekden we döwrebaplaşdyrmakdan ybarat. «Talyp tölegi» hyzmaty biz talyplara we ene-atalarymyza birnäçe ýeňillikleri hödürleýär:

-ilkinji nobatda, talyp ýa-da ýakyn hossary tölegi geçirmek üçin banka barmak bilen bagly wagtyny tygşytlaýar;

-nagt tölegde talypdan birbada bir ýyllyk ýa-da alty aýlyk tölegi geçirmeklik talap

2025 гг.». В соответствии с принятой Концепцией расширяется масштаб развития безналичных расчетов. В этом отношении новые цифровые банковские продукты, как «Интернет-банк», «Мобильный-банк», «Cash back», «Электронный кошелок», являются главными показателями банковской деятельности.

Благодаря неустанной заботе Уважаемого Президента, начиная с января 2020 года, в банковские карточки граждан внедрена банковская услуга «Cash back». Банковская услуга «Cash back» - это денежное вознаграждение зачисляемое в банковскую карточку «Алтын асыр» при покупке товаров за безналичный расчет. Новая банковская услуга является одной из форм стимулирующих услуг, внедренных в банковскую систему нашей страны, которая повышает привлекательность безналичных расчетов для клиентов. По данному виду услуги установлена сумма вознаграждений в пределах 0,5-3 процентов от покупки в отношении всех банковских операций, проводимых в безналичной форме через платежные терминалы. Внедрение банковской услуги «Cash back» является весомым вкладом в развитие цифровой экономики, осуществляемой в нашей стране.

Кредитными организациями нашей страны проводится системная работа по расширению масштабов и улучшению качества безналичных расчетов. В качестве примера можно назвать услугу Государственного коммерческого банка Туркменистана «Халкбанк» «Студенческая оплата». Главной целью услуги «Студенческой оплата» является упрощение и модернизация процессов оплаты студентами, которые получают высшее образование на платной основе. «Студенческая оплата» нам студентам и нашим родителям предоставляет ряд возможностей:

- в первую очередь, это экономя времени студентов или его близких родственни-

edilýän bolsa, onlaýyn hyzmat arkaly bir ýa-da birnäçe aýlyk tölegi hem geçirmek mümkindir;

- töleg üçin talybyň öziniň ýa-da onuň ýakyn hossarynyň (ene-atasynyň, doganlarynyň, garyndaşlarynyň) «Altyn asyr» bank kartlary ulanylyp bilner.

- onlaýn töleg hepdäniň islendik gününde, gije-gündiziň dowamynda elýeterlidir.

Biziň Ýöriteleşdirilen bank mekdebimiziň talyplary hem bu täze bank hyzmatyndan peýdalanyp, öz okuw töleglerini geçirmäge giň mümkinçilik tapýarlar.

Dünýä ösüşiniň häzirki şertlerinde ýurdumyzy mundan beýläk-de gülläp ösüşiň mekanyna öwürmek wezipesinden ugur alýan döwlet strategiýasynda sanly ykdysadyýeti we nagt däl hasaplaşyklary ösdürmeklige aýratyn üns berilýär. Çünki sanly ykdysadyýet ösüşiň täze hiline geçmäge, milli ykdysady ösüşiň çaltlanmagyna, ilata hödürlenýän sanly hyzmatlaryň we nagt däl hasaplaşyklaryň görnüşleriniň artmagyna mümkinçilik berýär.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda amala aşyrylýan maliýe we bank ulgamyndaky özgertmeleriň ähli ýurdumyzyň raýatlarynyň hal-ýagdaýyny dünýäniň öňdebaryjy döwletleriniň derejelerine ýetirmäge gönükdirilendir. Halkymyzyň abadançylygy, rowaçlygy ugrunda ýadawsyz tagallalary edýän Gahryman Arkadagymyzyň jany sag, ömri uzak bolsun! Il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli alyp barýan işleri mundan beýläk hem rowaç alsyn!

**Bägül BERDIÝEWA,**
Türkmenistanyň Merkezi bankynyň
Türkmenistanyň Gahrymany A.Nyýazow
adyndaky Ýöriteleşdirilen bank mekdebiniň talyby

ков, связанное с посещением банковских учреждений;

- при наличном расчете от студента требуется проведение единовременной оплаты за год или полгода, а онлайн услуга предоставляет возможность оплаты за один или несколько месяцев;

- для оплаты за учебу может быть использована банковская карточка «Алтын асыр» самого студента или его близкого родственника (родителей, брата, родственников);

- онлайн оплата доступна в любой день недели, в любое время суток.

Студенты нашей Специализированной банковской школы широко пользуются новой банковской услугой для проведения оплаты за учебу.

В севременных условиях развития мировой экономики, в государственной стратегии развития особое внимание уделяется развитию цифровой экономики и безналичных расчетов. Потому что цифровая экономика способствует переходу к качествено новому уровню развития, ускорению роста национальной экономики, увеличению видов цифровых услуг и безналичных расчетов, предлагаемых населению.

Реформы в финансовой и банковской сферах, проводимые под мудрым руководством Уважаемого Президента, направлены на улучшение благосостояния наших граждан, достижение уровня передовых государств в этой области.

Желаю крепкого здоровья и долголетия нашему Уважаемому Президенту, успехов в его неустанном труде за благополучие и счастливой жизни нашего народа! Пусть его благородный труд во имя народа, общечеловеческого развития принесет еще больших успехов!

**Багуль БЕРДЫЕВА,**
студентка Специализированной банковской школы
имени Героя Туркменистана А.Ниязова
Центрального банка Туркменистана

# TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI

# Тенденции развития банковской системы Туркменистана

### 2020-nji ýylyň 1-nji iýun ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat
### Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 июня 2020 г.




### 2020-nji ýylyň 1-nji iýun ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň bank gulluklarynyň sany barada maglumat
### Сведения о количестве агентств кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 июня 2020 г.




### 2020-nji ýylyň 1-nji iýun ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralary boýunça daşary ýurt puluny alyş-çalyş nokatlarynyň sany
### Количество обменных пунктов иностранной валюты по кредитным учреждениям Туркменистана на 1 июня 2020 года




### Karz edaralaryň işjeňleriniň düzümi, (%-de)
### Структура активов кредитных учреждений, (в %)



## Karz edaralaryň işjeň dälleriniň düzümi, (%-de)
## Структура пассивов кредитных учреждений, (в %)




## 2020-nji ýylyň 1-nji iýun ýagdaýyna Karz edaralarynyň esaslyk maýalarynyň möçberi barada maglumat
## Величина уставного фонда кредитных учреждений по состоянию на 1 июня 2020 г.




## Kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleriniň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)
## Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий и организаций по срокам их размещения (в млн манат)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň eýeçiligi boýunça bölünişi (mln manatda)
## Кредиты кредитных учреждений, предоставленные в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по формам их собственности (в млн манат)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)
## Кредиты кредитных учреждений, предоставленные в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по срокам их размещения (в млн манат)




## 2020-nji ýylyň 1-nji iýun ýagdaýyna Türkmenistanyň bank kart ulgamynda hasaba alnan bank kartlary boýunça maglumat (görkezijiler tegeleklenip alyndy)
## Сведения о зарегистрированных в банковской карточной системе Туркменистана банковских картах по состоянию на 1 июня 2020 года (указатели округлены)



## Türkmenistanyň karz edaralarynyň işjeňliginiň esasy görkezijileri
## Основные показатели деятельности кредитных учреждений Туркменистана

| GÖRKEZIJILER<br>ПОКАЗАТЕЛИ | ölçeg birligi<br>ед. измер. | 01.06.2019 | 01.01.2020 | 01.06.2020 | 01.06.2020<br>01.01.2020-e,<br>%-de | 01.06.2020<br>01.06.2019-e,<br>%-de |
|---|---|---|---|---|---|---|
| **1. Bellige alnan karz edaralary**<br>Зарегистрированные кредитные учреждения | sany / ед. | **11** | **11** | **11** | *100,0* | *100,0* |
| şol sanda:<br>в том числе: | | | | | | |
| - döwlet täjirçilik<br>- государственно-коммерческие | sany / ед. | 5 | 5 | 5 | *100,0* | *100,0* |
| - paýdarlar täjirçilik<br>- акционерно-коммерческие | sany / ед. | 3 | 3 | 3 | *100,0* | *100,0* |
| - daşary ýurt banklarynyň şahamçalary<br>- филиалы иностранных банков | sany / ед. | 2 | 2 | 2 | *100,0* | *100,0* |
| - Döwlet ösüş banky<br>- Государственный банк развития | sany / ед. | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| **2. Karz edaralaryň şahamçalarynyň sany**<br>Количество филиалов кредитных учреждений | sany / ед. | **148** | **147** | **147** | 100,0 | 99,3 |
| **3. Karz edaralaryň hyzmat edýän müşderileriniň sany**<br>Количество обслуживаемой клиентуры кредитных учреждений | sany / ед. | * | **5 019 992** | * | | |
| **4. Karz edaralaryň işgärleriniň sany**<br>Численность работников кредитных учреждений | sany / ед. | * | **8 163,5** | * | | |
| **5. Karz edaralaryň hakyky toplan esaslyk maýasynyň möçberi**<br>Фактически сформированный уставный фонд кредитных учреждений | mln manat<br>млн манат | **5 311,40** | **5 611,2** | **5 671,2** | 101,1 | 106,8 |
| **6. Türkmenistanyň Merkezi bankynda açylan, karz edaralarynyň aragatnaşyk hasaplaryndaky galyndylary (milli pulda)**<br>Остаток на корреспондентских счетах кредитных учреждений в Центральном банке Туркменистана (в нац. валюте) | mln manat<br>млн манат | **10 341,61** | **13 473,47** | **12 643,45** | 93,8 | 122,3 |
| **7. Türkmenistanyň karz edaralarynyň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlary**<br>Кредиты кредитных учреждений Туркменистана в национальной валюте, предоставленные предприятиям, организациям, населению | mln manat<br>млн манат | **52 998,3** | **60 866,1** | **62 402,9** | 102,5 | 117,7 |
| **8. Karz edaralarynda kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleri (milli pulda)**<br>Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий, организаций и населения в кредитных учреждениях (в нац. валюте) | mln manat<br>млн манат | **34 497,87** | **38 518,34** | **39 497,79** | 102,54 | 114,5 |

*Ylmy-önümçilik geňeşinde taýýarlanyldy / Подготовлено Научно-производственным советом*

